# Synaglara şatlyk bilen döz gel!

**Maslahat:** Aşakdaky ýumuşlary rahat ýagdaýda ýerine ýetir. Aýatlardaky wakany özüň gatnaşýan ýaly göz öňüne getirip oka. Wakany aňyňda janlandyryp, baş gahrymanlaryň sesini eşitmäge çalyş we duýgularyna düşünjek bol.

**Baş gahrymanlar:** Pawlus resul, Silas, hyzmatkär gyz we onuň hojaýynlary, türmäniň garawuly

**Mazmuny:** Pawlus bilen Silas wagyz edendikleri üçin tussag edilýär. Soňra ýer titreýär we olar azat bolýarlar.

## 1 RESULLARYŇ IŞLERI 16:16—40-NJY AÝATLARY OKAP, WAKANY GÖZ ÖŇÜNE GETIR.

Aşakdakylaryň ýüz keşbini nähili suratlandyrarsyň?

Hyzmatkär gyzyň hojaýynlary: *(19—22-nji aýatlary gaýtadan oka).*

Türmede oturan Pawlus bilen Silas: *(25-nji aýady gaýtadan oka).*

«Güýçli ýer titremäni» nähili göz öňüne getirýärsiň? *(26, 27-nji aýatlary gaýtadan oka).*

28—31-nji aýatlara görä, Pawlus resul türmäniň garawuly bilen nähili äheňde gepleşen bolmaly?

## 2 GÖZLEG GEÇIR.

Ýertitreme ýöne bir tebigy hadysamy? Sen näme üçin şeýle pikir edýärsiň? (Jogaby: Resullaryň işleri 4:31; 5:19; 12:7-nji aýatlary oka).

Türmäniň garawuly Pawlus bilen Silasyň özi bilen mähirli gepleşendigine näme üçin geň galan bolmaly? *(Resullaryň işleri 16:23, 24-nji aýatlary gaýtadan oka).*

Pawlus bilen Silasyň tussag edilmegi köp adamlara wagyz etmäge nädip mümkinçilik berdi? (Jogaby: *25, 33-nji aýatlary gaýtadan oka).*



www.jw.org © 2013 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania

## 3 ÖWRENEN ZATLARYŇDAN SAPAK EDIN.

Wakadan öwrenen zatlaryňy ýaz.

Kynçylyklara nädip döz gelip bolýar?

______________________________________

______________________________________

Çydamlylygyň nähili peýdasy bar? (Ýakup 1:2—4-nji aýatlary oka).

______________________________________

______________________________________

## 4 ÖZÜŇE ŞEÝLE SORAGLARY BER:

Men nähili ýagdaýlarda has-da çydamly bolmaly?

______________________________________

______________________________________

Kyn ýagdaýa düşenimde, Pawlusyň göreldesine eýerip, adamlar bilen nähili gepleşerin?

______________________________________

______________________________________

______________________________________

Men bu wakadan nähili wajyp sapak edindim we näme üçin?

______________________________________

______________________________________

______________________________________



**Ýumuş:** Özüňi türmäniň garawuly hökmünde göz öňüne getir. Daş-töwereginde bolup geçýän zatlary ýaz. Türmäniň garawulynyň Pawlus bilen Silasy tussag edende, ýer titremäni görende we maşgalasy bilen suwa çümdürilende nähili duýgulary başdan geçirendigini beýan et.

JW.ORG

www.jw.org/tk saýtyndan PDF görnüşini ýükläp bilersiňiz



www.jw.org © 2013 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania